Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

— MENIŇ MAKSADYM TÜRKMEN DIPLOMATIÝASYNYŇ MILLI MEKDEBINI HEMMETARAPLAÝYN GOLDAMAKDAN WE DÜNÝÄNIŇ IŇ ÖSEN TALAPLARYNA LAÝYK GELÝÄN BILIM ULGAMYNY SIZE ELÝETERLI ETMEKDEN YBARATDYR.

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — INTERNET GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

INTERNET NEWSPAPER

№ 14, 2021-nji ýylyň 31-nji awgusty Our main goal is to serve the Motherland!

Internet gazeti 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty



## СОТРУДНИЧЕСТВО РАДИ МИРА И БЕЗОПАСНОСТИ В ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ

***Успешно реализуемая под руководством Президента Гурбангулы Бердымухамедова внешнеполитическая стратегия Туркменистана на современном этапе основана на глубоком и комплексном анализе современных универсальных тенденций, творческом подходе к дальнейшему развитию фундаментальных позиций и долгосрочных национальных интересов в международной системе координат. При этом Президент Туркменистана особо акцентирует внимание на необходимости поддержания и укрепления мира и безопасности в Центральной Азии, где ключевое значение имеет сотрудничество с государствами региона на принципах взаимопонимания и доверия, общей нацеленности к процветанию и благополучию наших стран и народов.***

Одним из эффективных форматов межгосударственного диалога являются Консультативные встречи глав государств Центральной Азии, первая из которых состоялась в марте 2018 года в столице Казахстана городе Нур-Султане. Второй саммит лидеров стран региона в данном формате состоялся 29 ноября 2019 года в Ташкенте, по итогам которого было принято Совместное заявление и одобрен Регламент подготовки и проведения консультативных встреч.

Президент Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов выразил готовность принять третью Консультативную встречу глав государств Центральной Азии в Туркменистане в ходе состоявшегося в октябре 2020 года телефонного разговора с узбекским коллегой Шавкатом Мирзиёевым. В апреле месяце, во время телефонного разговора с Президентом Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым, Президент Казахстана Касым-Жомарт Токаев также высказался в поддержку проведения очередной консультативной встречи глав центральноазиатских стран в столице Туркменистана. Актуальные вопросы организации на высшем уровне Консультативной встречи руководителей государств Центральной Азии в Ашхабаде были обсуждены во время телефонного разговора Президентов Туркменистана и Узбекистана, состоявшегося 29 июня 2021 года.

Несомненно, что третья встреча глав государств Центральной Азии стала еще одним этапом совместного рассмотрения конкретных путей и методов по сохранению и рациональному использованию водных ресурсов, где было вложено много стараний для объединения усилий на принципах обеспечения равного и справедливого доступа к ним. Итоги саммита продемонстрировали дальнейшее развитие предыдущих идей и инициатив Туркменистана по укреплению стабильности и безопасности в регионе и в мире.

В рамках исторической встречи был рассмотрен широкий круг вопросов, предполагающих дальнейшее развитие регионального взаимовыгодного сотрудничества в политической, торгово-экономической, инвестиционной, транспортно-коммуникационной, культурно-гуманитарной и других областях.

Президенты выразили готовность продолжать активное сотрудничество государств региона по реализации Договора о зоне, свободной от ядерного оружия, в Центральной Азии, и отметили необходимость активизации взаимодействия с другими безъядерными зонами с целью консолидации усилий в деле ядерного разоружения и нераспространения.

Еще одним немаловажным направлением развития являются международные транспортно-логистические коридоры «Север-Юг» и «Восток-Запад». Эта повестка широко обсуждалась на форуме. Перспективные выходы к побережью открытых морей и океанов дадут стратегический «карт-бланш» всем государствам региона на мировых рынках, а также существенно повысят спрос на товары и ресурсы Центральной Азии.

Наряду с другими темами, показателем всеобъемлющей пользы от координации мнений стало обсуждение вопросов использования водно-энергетических ресурсов. В этом ключе главами государств региона была достигнута крайне важная договорённость о том, что действующие и будущие гидроэнергетические объекты, решающие водно-энергетические вопросы в Центральной Азии, будут учитывать интересы всех стран региона.

Главы государств выразили поддержку инициативе президента Туркменистана о разработке Стратегии ООН, нацеленной на осуществление мер по развитию низкоуглеродной энергетики, а также создание под эгидой ООН международной «Дорожной карты» по развитию водорода в качестве одного из приоритетных направлений в энергетике.

Главы государств ЦА выразили готовность оказать содействие в скорейшем достижении гражданского мира в Афганистане. Одной из важных составляющих Повестки дня встречи была консолидация усилий стран региона в борьбе с пандемией. По итогам встречи принято Совместное заявление Глав государств Центральной Азии.

Главы государств поручили внешнеполитическим ведомствам завершить в ближайшее время работу по согласованию проекта Дорожной карты по развитию регионального сотрудничества на 2022-2024 годы (по итогам Консультативных встреч Глав государств Центральной Азии) и подготовить к подписанию на следующей Консультативной встрече Глав государств Центральной Азии Договор о дружбе, добрососедстве и сотрудничестве в целях развития ЦА.

Таким образом, третий саммит Глав государств Центральной Азии убедительно продемонстрировал политическую волю и решимость Сторон последовательно и неуклонно укреплять дружбу и сотрудничество, следуя принципам добрососедства, общности и неразрывности исторических судеб.

***Бегенч КАРАЕВ,***
***к.ф.н., старший преподаватель кафедры международных отношений и дипломатии Института международных отношений МИД Туркменистана.***

## TÜRKMENISTAN HALKARA MEDIA GIŇIŞLIKLERINDE

### TREND.AZ

*The implementation of the Turkmenistan-Afghanistan-Pakistan-India (TAPI) gas pipeline is beneficial for the entire region, Foreign minister Shah Mahmoud Kureishi said during a conversation with the media after a meeting with President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov, Trend reports with reference to the Turkmen media. Kureishi stressed that Afghanistan alone will receive $1 billion in transit fees and royalties, and the project is expected to create 2,000 new jobs with huge opportunities. In addition, the minister expressed his satisfaction that the recent views expressed by Afghanistan showed the country's intention to support the implementation of the TAPI project. Also, according to the minister, in the near future, the issue of convening a meeting of foreign ministers of neighboring states to discuss the situation in Afghanistan is being considered. He noted that Pakistan and Turkmenistan will continue cooperation with special representatives from both sides to hold meetings on strengthening ties. In addition, Pakistani FM led the Pakistani delegation in bilateral negotiations with Turkmenistan, during which attention was focused on cooperation in the field of energy, human resources, and other areas.*

### SNG.TODAY

*Глава Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов 23 августа направил поздравительное послание президенту Республики Никарагуа Хосе Даниэлю Ортега Сааведра по случаю 25-летия установления дипломатических отношений между двумя странами. Об этом сообщает национальное информационное агентство «Туркменистан сегодня».*

*Бердымухамедов от имени туркменского народа, правительства и от себя лично искренне поздравил коллегу и пожелал ему крепкого здоровья, счастья и благополучия.*

*В своём послании он выразил заинтересованность своей страны в расширении и углублении дальнейших связей между Туркменистаном и Никарагуа.*

*Кроме того, глава государства также поздравил президента Колумбии Ивана Дуке Маркеса с 25-летием установления дипломатических отношений между странами.*

*Бердымухамедов отметил, что основанные на принципах взаимоуважения и равноправия отношения между государствами нацелены на прогресс и процветание.*

*Была подтверждена заинтересованность Ашхабада в расширении двустороннего сотрудничества и выражена уверенность в дальнейшем развитии связей в интересах обеих стран.*

«Garaşsyzlyk, Bitaraplyk — ösüşiň goşa ganaty» atly döredijilik bäsleşigine

# MAGTYMGULY PYRAGY—MILLI GARAŞSYZLYGYŇ NUSGAWY ŞAHYRY

Bäş müň ýyllyk şanly taryhynyň dowamynda 70-den gowrak döwlet guran türkmen halky bu günki günde öz esaslandyran Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan Watanynyň bagtly zamanynyň hözirini görüp ýaşaýar.

Türkmen dünýäsinde şamçyrag bolup dörän, halkyň ýüregine ebedilik girmegi başaran, her bir sözi köşekli düýä degip duran şygyrlaryny nesillere, tutuş adamzada miras goýup giden Magtymguly Pyragy-da şeýle ajap zamananyň gelmegine göz dikip garaşypdyr. Diňe garaşmak bilen çäklenmän, türkmeniň öz garaşsyz döwletini gurmagy ugrunda söz meýdanynda gaýduwsyz göreşipdir. Bu misilsiz hakykata biz şahyryň eserler diwanyny häli-şindi elimize alanymyzda, ondaky şygyrlaryň üsti bilen has içgin göz ýetirýäris.

XVIII — XIX asyrlaryň durnuksyzlyk döwründe, türk-



meniň çarwa bolup ýaşan zamanasynda döwletlilik meselesi şahyrlary erkine goýmaýar. Hiç bir meseläni gozgaman goýmadyk, halkyň arasynda: “Onuň aýtmadyk zady ýok” diýen sözlere mynasyp bolan Magtymguly Pyragy-da erkin döwlet gurmak taglymyny öz şygyrlarynyň içinden eriş-argaç geçirýär. Olarda türkmeniň garaşsyz döwlet gurmagynyň zerurlygy, sebäpleri, peýdalary we halkyň ýaşaýşyna ýetirjek oňaýly täsiri dogrusyndaky hakykat her bir ynsanyň edil ýüreginden turjak şekilde dīýseň çeper, manyly we maňyzly beýan edilýär. Magtymguly Pyragy ölmez-ýitmez şygyrlarynyň üsti bilen garaşsyz, özbaşdak döwleti gurmaklygyň zerurlygyny halka düşündireninden soň, oňa ýetmek üçin berjaý edilmeli işler barada hem meýilnamalaýyn ruhda aýdyp geçipdir. Elbetde, munuň üçin, ilkinji nobatda, agzybirlik zerur! Bu babatda şahyryň öz goşgularyna ýüzleneliň:

*Türkmenler baglasa bir ýere bili,*
*Gurudar Gulzumy, derýaýy-Nili,*
*Teke, ýomut, gökleň, ýazyr, alili,*
*Bir döwlete gulluk etsek bäşimiz!*

Hawa, Magtymguly Pyragynyň «Döker bolduk ýaşymyz» goşgusynda şeýle müşgil ýagdaýdan haçan, nädip milleti gutaryp boljakdygy barada keserip duran bu sowalyň wagty-salymy hakynda anyk bir zat aýdylmandyr. Emma şygryň soňky bu bendinde beýle kyn ýagdaýdan nädip dynyp boljakdygy barada kesgitli jogap berilýär. Bu setirlerden şeýle pikir, şeýle ynam we arzuw syzylyp çykýar: türkmenler bilini bir ýere baglasalar, maksatlaryny anyk bilseler we bilelikde göreşseler, aşyny bir suprada taýýar kylsalar, olaryň öňünde hiç hili päsgelçilik bolup bilmez, ähli maksatlary-da hökman amala aşar!

(Dowamy 3-nji sahypada)

# SALAM, ARZYLY INSTITUTYMYZ!

1-nji sentýabr — Bilimler we talyp ýaşlar gününe: Talyplaryň ýürek buýsançlary

## Arkadagymyza alkyş aýdýaryn

*Adam uzak ýyllaryň dowamynda eden arzuwlarynyň wysalyna gowşanda, şatlygy damagyna dolup, aýtmaga söz hem tapmaýan eken.*

*Ynha, men hem “Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany” ýylynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň 1-nji ýyl talyby bolmak bilen şeýle tolgundyryjy halaty başdan geçirmeli boldum. Meniň bu hünäri — ykdysatçy hünärini saýlamagymyň özboluşly sebäbi bar. Men mekdep ýyllarymda ykdysady filmlere tomaşa etmegi we kitaplary okamagy halaýardym.*

*Mysaly daşdan gözlemek gerek däl. Meniň öz ýaşaýan obamda hem ykdysadyýete uly üns berilýär. Biziň daýhan birleşigimiziň ykdysady ýagdaýy gowy bolan döwründe halkymyzyň ýaşaýyş derejesi has ýokarlanýar, toýdur-baýramçylyklaryň sany artýar. Şonuň üçin men hem şu ykdysatçy kärini saýlamagy maksat edindim. Bu begençli wakalara ýetmek üçin kän ýeňişli ýollardan geçmeli boldum, döwlet çäreleriniň birnäçesine gatnaşyp, üstünlikli çykyşlar etdim. Men çagalykda “Garaşsyzlygyň merjen däneleri”, “Iň eýjejik gyzjagaz”, “Garpamyk” atly halkara bäsleşiklerine gatnaşyp, döwlet baýraklaryna eýe boldum.*

*Hormatly Prezidentimiziň: “Biziň beýik geljegimiz ýaşlaryň bagtyýarlygy, kadaly ösüşi bilen berk baglydyr. Ýaşlar Watanymyzyň güýç-kuwwaty we abraý-mertebesidir” diýen sözleri biz, talyp ýaşlary ýurdumyzyň şan-şöhratyny dünýä ýüzünde dabaralandyrjak kämil hünärmenler bolup ýetişmäge ruhlandyrýar. Pursatdan peýdalanyp, biz, ýaşlara okamaga, öwrenmäge, döretmäge uly mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýaryn. Goý, mähriban Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli tutumly işleri rowaç bolsun!*



***Oraztäç ÇAPAÝEWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň I ýyl talyby.***

## Arzuwym, myradyň gutly bolsun!

*Ýaşlygymyň baş arzuwynyň myrady, hoş geldiň ömrüme! Arkaýyn geçiber, ýüregimiň törüne! Men saňa ol ýeri, gör, näçe wagt bäri niýetläp ýörün ahyry! Dogrusy, birneme garaşdyryp, ýoluňa seretdiren bolsaňam, uzakdan ýylgyryp gelýäniňi görenimden, kalbymyň öýkesi ýazyldy gitdi. Ýeri, bolýa, gel, indi men seni köpçülik bilen tanyşdyraýyn.*

*Sözümi seniň özüňden başlasammykam?! Ýa seniň bilen duşuran ýollardan?! Gel, gowusy, ilki saňa duşuran ýollaryň kelamyna rowana bolaýyn.*

*Meniň bu başyny başlan söhbedim kitapdyr makalalarda häli-şindi gaýtalanyp duran pikirlerden püre-pür hem bolsa, olaryň üstünden ätläp geçip bilmedim. Käte hasyl bolmadyk arzuwlarymyza gynanyp, bisarpa geçirýän wagtymyzy olaryň täze synanyşyklaryna bagyş etsek kem bolmaz. «Gynanmak» sözüniň «synanmak» sözünden ýekeje harp tapawut edýänem, meger, ýöne ýere däldir. Asyl, «synanmak» sözüniň içinde «ynanmak» sözüniň bardygy hem, islendik arzuwlaryň synanyşyklary öz myradyna diňe ynam bilen gowuşýandygyny aňladýan Taňrynyň bir alamaty ýaly, göwnüme.*

*«Nesil» gazetinde işlemek bilen ýurdumyzda bolup geçýän halkara çäreleri bilen içgin tanyşmak mümkinçiligine eýe bolandygymy aýratyn belläsim gelýär. Ine, şeýle halkara çäreleriniň birnäçesi golaýda, has takyky, 6-njy awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirildi. Olara Merkezi Aziýa ýurtlarynyň döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagy bolsa, dünýä giňişliginde uly gyzyklanma döretdi. Elbetde, şeýle wakalaryň beýanyny gyzgyny bilen bada-bat halk köpçüligine ýetirmegem biziň, geljekki — žurnalistleriň baş borjy. Dünýäde şeýle borçly ýaşamagam bagtdan uly paý bolarly. Ýogsam, şeýle zadyň arzuwyny kalbymda çagalygymdan şu günlere çenli göterip gelmezdim ahbetin.*

*Ynha, arzuwymyň myrady, seni köpçülik bilen tanyşdyrmaly pursadymam ýetip geldi. Diýarymyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllyk toýy toýlanýan ýylynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň bagtyýar talyby boldum! Nesip bolsa, Milli Liderimiziň biz, ýaşlara bildirýän uly ynamyna jogap edip, men geljekde halkara derejeli žurnalist bolup, Arkadag Prezidentimiziň başda durmagynda döwletimiziň gazanýan uly üstünliklerini dünýä metbugatynda giňden beýan etmekde öz mynasyp goşandymy goşaryn. Biz, ýaşlara döwrebap ýokary okuw jaýlarynda bilim alyp, geljekde öz saýlap alan hünarimiziň ökde hünärmenleri bolup ýetişmegimize giň mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, başy dik bolsun! Belent tutumlary hemişe rowaçlyklara beslensin!*



***Gurbansähet GURBANSÄHEDOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

## Talyp bolmakda bagtyýarlyk bar

*Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýaşlaryň ylymly-bilimli, kämil dünýägaraýyşly bolup ýetişmegi üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Ýurdumyzda döwrebap ylmy-tehniki enjamlar bilen üpjün edilen ýokary okuw mekdepleriniň sany barha artýar. Bularyň hemmesi ýaşlaryň öz ukyp-başarnykaryny doly derejede ýüze çykaryp bilmeklerine giň ýollary açýar. Garaşsyz ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň bilim syýasatynyň ajaýyp dabaralanmagynyň barşynda "Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany" ýylynda Diýarymyzyň daşary syýasatyna mynasyp goşant goşjak ýaşlar bilen bir hatarda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyby bolmak bagty maňa-da nesip etdi.*

*Orta mekdepde okan döwrümde mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilýän ders bäsleşiklerine yzygiderli gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp boldum. 2016 — 2017-nji okuw ýylynda "Altyn asyryň altyn zehinleri" atly ders bäsleşiginde türkmen dili we edebiýaty dersi boýunça etrap tapgyrynda 1-nji orny, 2018 — 2019-njy okuw ýylynda "Altyn asyryň altyn zehinleri" atly ders bäsleşiginde türkmen dili we edebiýaty dersi boýunça etrap tapgyrynda 2-nji orny, 2019 — 2020-nji okuw ýylynda bolsa "Altyn asyryň altyn zehinleri" atly taslama bäsleşiginde geografiýa dersi boýunça etrap tapgyrynda 2-nji orny eýelemegi başardym. Men institutda okajak döwrümde hem dürli bäsleşiklere işjeň gatnaşyp, ýokary okuw mekdebimiziň abraýyny has-da belende galdyrmaga goşant goşmagy ýüregimde besleýärin.*

*Biz, talyp ýaşlar, hormatly Prezidentimiziň bildirýän belent ynamyna jogap edip, ylym-bilimimizi yzygiderli kämilleşdireris hem-de Watanymyzyň ösüşine öz mynasyp goşandymyzy goşmak ugrunda ähli tagallalary ederis. Ýaşlaryň dünýä derejesinde bilim almagy ugrunda döwletli işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, belent başlangyçlary elmydama üstünliklere beslensin!*



***Senemgül ALLAKOWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

## Wysal bolan baş arzuwym

*Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýaşlar syýasaty esasynda ýaş nesliň döwrebap bilim, terbiýe almagy ugrunda ähli mümkinçilikler döredilýär. Munuň şeýledigine diňe orta mekdepde okaýan döwrümde däl, eýsem şu ýyl Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetine okuwa girip, talyp bolmak bagtyna miýesser bolanymda hem ýene bir gezek göz ýetirdim.*

*Men baryp orta mekdepde okaýan döwrümde ylym, bilim we ykdysadyýet bilen gyzyklanyp başlapdym. Okuwdan boş wagtlarym hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýet baradaky kitabyny we dünýä edebiýatyndan Adam Smitiň, Robert Kiýosakiniň we Milton Fredmanyň ýazan eserlerini okapdym. Men 11-nji synpda okaýarkam Malaýziýa döwletinde iňlis dilinde geçirilen halkara ýaş oýlap tapyjylaryň onlaýn bäsleşigine (MIYIO21) gatnaşyp, altyn medala mynasyp boldum.*

*Meniň iň bagtyýar talyplaryň hataryna goşulandygyma begenjimiň çägi ýok. Milli Liderimiziň biz, ýaşlara bildirýän uly ynamyna jogap edip, men öz saýlap alan hünärim boýunça ökde hünärmen bolup ýetişjekdigime, Garaşsyz ýurdumyzyň abraýyny has-da belende galdyrmaga mynasyp goşant goşjakdygyma tüýs ýürekden ynandyrýaryn.*



***Batir SADULLAÝEW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň I ýyl talyby.***

«Garaşsyzlyk, Bitaraplyk — ösüşiň goşa ganaty» atly döredijilik bäsleşigine

# MAGTYMGULY PYRAGY – MILLI GARAŞSYZLYGYŇ NUSGAWY ŞAHYRY

(Başlangyjy 2-nji sahypada)

Akyldar Magtymgulynyň türkmen milletiniň XVIII asyrdaky harby-syýasy durmuşyny şahyrana keşpler arkaly aýdyň suratlandyrýan şygyrlaryna mysal hökmünde «Görülsin indi», «Döker bolduk ýaşymyz» ýaly goşgularyny görkezmek bolar. Şahyr gözgyny ýagdaýdan dynmagyň ýollaryny «Türkmen binasy», «Türkmeniň» ýaly meşhur eserlerinde-de salgy berýär. Söz ussady «Görülsin indi» diýen goşgusynyň ilkinji setirlerinde:

*Gorka-gorka üflis ýagdaýa düşdük,*
*Takdyr näme bolsa, görülsin indi.*

– diýip, çydamyň hem çägi bar, indi ýaraga berk ýapyşyp, basybalyjylara gaýtawul bermekden başga çykalga galmady diýlen ýaly çagyryş bilen halka ýüzlenipdir. Magtymgulynyň «Türkmen binasy» goşgusynda-da şol ruhda söhbet edilip, türkmenleriň güýç-kuwwatyna taý geljek güýç ýokdur, ýöne olaryň taýpa-tire bölünişiklerden basymrak başyny gutaryp, birleşmekleri derwaýys diýlen pikir orta atylypdyr. Söz ussadynyň türkmen taýpa-tireleriniň birleşip, bir döwleti gurmak baradaky taglymy «Türkmeniň» atly meşhur



şygrynda has-da ösdürilýär. Şahyr synmaz ynam bilen:

*Göwünler, ýürekler bir bolup başlar,*
*Tartsa ýygyn, erär topraklar-daşlar,*
*Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,*
*Göteriler ol ykbaly türkmeniň.*

– diýip, döwrüň türkmenleriň boýnuna dakan keç ykbalyndan dynmagyň ýeke-täk çäresi birleşmekdir, bir akyla gulluk etmekdir diýlen wajyp pikiri halkyna ýetiripdir.

Şu ýerde gürrüňi öz kär ugrum bolan žurnalistika bilen-de baglanyşdyrmak isleýärin. Bilşimiz ýaly, žurnalistiň esasy wezipeleriniň biri jemgyýete dogry ýol görkezmekden, haýsy zadyň syýasata we zerurýete görä häzirki wagtda has gereklidigini, möhümdigini düşündirmekden we iň esasy-da, şol maksatlara ýetmek üçin çözgütleri-de açyp görkezmekden ybarat bolup durýar. Žurnalistika ylym hökmünde täze taryhda dörän hem bolsa, bu käriň funksiýasy öňki zamanlarda birnäçe şahsyýetler, ylaýta-da ýazyjy-şahyrlar tarapyndan ýerine ýetirilipdir diýip, aýdyp bileris. Magtymguly Pyragy-da öz eserlerinde jemgyýete, türkmen halkyna garaşsyz, özbaşdak döwlet gurmaklygyň diýseň zerurdygyny düşündirip, oňa ýetmek, beýle eşreti gazanmak üçin amala aşyrylmaly ähli işler dogrusynda-da gürrüň berip, oňyn çözgüdini aýdyp gidipdir. Şeýle içgin we çynlakaý meseläni gozgan Magtymguly Pyragynyň edebi mekdebinde kemala gelen Kemine, Seýdi, Zelili, Mollanepes ýaly beýleki nusgawy şahyrlarymyz hem ondan nusga we görelde alyp, şu mazmundaky şygyrlary bilen halka ýüzlenipdirler. Beýle şygyrlar, beýle ýüzlenmeler bolsa, taryhdan görnüşi ýaly, öz netijelerini-de berýär.

Hawa, garaşsyzlyk pikirleri we sözleri diňe bir Magtymgulynyň pikiri hem sözi däl. Olar şol döwürlerde tutuş türkmen halkynyň aglaba böleginiň isleg-arzuwydyr. Magtymguly Pyragy bolsa, beýle wajyp pikirleriň örüsini has giňeltmek üçin olary söz sungatynyň güýji bilen halkyň ýüregine siňdiripdir. Milli birlik hakyndaky hakykata çuňňur düşünen söz ussady birleşmek, bir bitewi döwlet gurmak baradaky sözlerini diňe öz adyndan däl, tutuş halkyň adyndan aýdýandygyny «Türkmeniň» goşgusynyň soňunda mälim edýär:

*Gözüm gaýra düşmez, göwün eglenmez,*
*Magtymguly – sözlär tili türkmeniň.*

Magtymguly – türkmeniň ýüzi, Magtymgulynyň pikiri – türkmeniň pikiri, Magtymguly – türkmeniň häzirki guran ajaýyp, döwletli döwranynyň sarsmaz sütüni. Hawa, häzirki wagtda biz Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň eşretlerinden peýdalanyp, ruhlanyp ýaşaýarys. Biz, nesiller, beýik Pyragynyň aýdan her sözüne kalbymyzda orun berýäris, her pursatda ondan goldaw alýarys we her meselede ondan çözgüt tapýarys. Biziň borjumyz Magtymgulynyň her bir sözüni ebedileşdirmekden, ony dünýä ýaýmakdan we geljekki nesillere ýetirmekden ybaratdyr. Munuň üçin bolsa, ilkinji nobatda, ony biziň özümiziň doly derejede öwrenmegimiz zerurdyr. Häzirki bagtyýar ýaşaýşymyzyň bolsa, Magtymguly Pyragy ýaly pederlerimiziň niçe asyrlap eden arzuwlarynyň, göreşleriniň miweleridigini ýatdan çykarmaly däldiris. Hut şu zatlary eden ýagdaýymyzda, biz özümizi hakyky türkmenler, Magtymguly Pyragynyň hakyky nesilleri diýip bileris. Çünki şeýle göreşleriň, arzuwlaryň netijesi hökmünde biz, nesip bolsa, ýakyn wagtda mukaddes Diýarymyzyň Garaşsyzlyk derejesine eýe bolmagynyň şanly 30 ýyllygyny uly şatlyk-şowhun, giň gerim bilen belläris. Pursatdan peýdalanyp, eziz Arkadagymyzy, bütin türkmen halkyny bu mukaddes baýram, şanly sene bilen tüýs ýüregimden gutlaýaryn. Goý, Garaşsyz Diýarymyzyň ösüşleri dowamat-dowam bolsun! Şol ösüşleriň täze belentliklerine alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli tutýan ähli işleri rowaç alsyn!

**Mähriban HUDAÝGULYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.*



# BMG-niň HALKARA GÜNLERI

## THE DAY OF KNOWLEDGE AND STUDENT YOUTH

September 1 is a great holiday for schoolchildren, students and teachers, marking the start of the new school year. This glorious date is a unique holiday celebrated in our country under the name "The Day of Knowledge and Student Youth " and internationally as "Knowledge Day".

The fact that the academic year begins on September 1 at the international level is linked with the national traditions of the Russian people. Because, New Year holiday was celebrated for the first time in Russia on September 1, 1492, and on the same day the new school year started with the beginning of the New Year.



Although the New Year holiday has been celebrated in Russia on January 1 since 1700, the start of the new school year has not been officially changed. Since 1935, the academic year begins on September 1 each year in all the countries that are now members of the Commonwealth of Independent States. From June 15, 1984, September 1 is celebrated as the "Day of Knowledge".

Today, Knowledge Day, marking the start of the academic year, is celebrated in most of the member states of the Commonwealth of Independent States, as well as in Belgium, Ireland, Poland, Slovenia and Israel.

Knowledge Day has been celebrated in our country since 2007, along with Student Youth Day. Since 2013, 1st grade children have been given laptop computers on behalf of our esteemed President on the occasion of the Day of Knowledge and Student Youth on September 1 of each year.

**Yhlas ATAMYRADOV,**
*The 2nd year student of the faculty of International Journalism of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmeinistan.*



## Всемирный день гуманитарной помощи

*Помощь – препятствие для существующего или возможного зла.*
**Платон.**

Гуманитарная помощь – это безвозмездная материальная помощь, оказываемая из гуманитарных соображений, с целью облегчения тягот и лишений пострадавших.

Всемирный день гуманитарной помощи был объявлен резолюцией Генеральной Ассамблеи ООН 11 декабря 2008 года для содействия повышению информированности общественности о деятельности по оказанию гуманитарной помощи во всем мире, и о важности международного сотрудничества по ее оказанию. Впервые этот день был отмечен 19 августа 2009 года.



Каждый год бедствия причиняют миллионам людей огромные страдания. Жертвами обычно становятся малообеспеченные, живущие в неблагоприятных условиях и уязвимые люди. Гуманитарная помощь основана на таких принципах, как гуманность, беспристрастность, нейтральность и независимость.

Каждый день, преодолевая опасности и невзгоды, гуманитарные работники помогают миллионам людей в странах, охваченных войной или переживающих стихийное бедствие. Ведь гуманитарная помощь нуждающимся должна и может оказываться вне зависимости от религиозной, расовой или половой принадлежности, подчеркивается в резолюции ООН.

Каждый год Всемирный день гуманитарной помощи посвящается определенной теме, в рамках которой гуманитарные партнеры объединяют усилия для спасения пострадавших в результате кризисов людей, ради обеспечения их благосостояния и уважения к их достоинству, а также для обеспечения безопасности гуманитарных сотрудников.

В 2021 году темой Всемирного дня гуманитарной помощи является «The Human Race» («Гонка ради человечества»). Она подчеркивает воздействие климатической чрезвычайной ситуации на самые уязвимые слои населения в мире и нацелена на то, чтобы их голоса были услышаны, а их потребности были, удовлетворены.

**Акнур АЛЛАБЕРДИЕВА,**
*студентка III курса факультета Международной журналистики Института международных отношений МИД Туркменистана.*



Tokio-2020

К ВЕЛИКИМ ДОСТИЖЕНИЯМ

# ИНТЕРВЬЮ С ПОЛИНОЙ ГУРЬЕВОЙ

*Спорт. Что это такое? Всего одно слово, а как много оно значит! Широко распространенно понятие, что спорт – это «определенный вид деятельности людей, направленная на достижение заданного результата в физическом развитии человека».*

*А что такое профессиональный спорт? Профессиональный спорт или по-другому большой спорт – предполагает великие цели, это уже настоящая работа над собой, достижение определенного результата в своей физической деятельности…*

*Благодаря неустанной работе и личной заботе Президента Туркменистана в городах и селах построены современные спортивно-оздоровительные комплексы и многофункциональные стадионы, оснащенные в соответствии с международными стандартами, что, в свою очередь, позволяет молодежи, связавшей судьбу со спортом, постоянно повышать свою квалификацию и достойно представлять в будущем нашу страну на международных турнирах.*





*Ярким примером и гордостью нашего государства является член команды по тяжелой атлетике Полина Гурьева, ставшая серебряным призером в XXXII летних Олимпийских играх в Токио. Она стала первой спортсменкой в истории Туркменистана, завоевавшей олимпийскую медаль серебряного достоинства.*

*Для читателей нашей газеты мы взяли интервью у спортсменки – заслуженного мастера спорта Полины ГУРЬЕВОЙ:*

***— Расскажи немного о тяжелой атлетике, что представляет собой этот вид спорта?***



— В основе тяжелой атлетики лежит выполнение упражнений по поднятию штанги над головой. Соревнования по тяжёлой атлетике включают в себя два упражнения: рывок и толчок. Они проводятся как между мужчинами, так и между женщинами. Спортсмены имеют три попытки в каждом упражнении. Тяжелая атлетика, как и любой вид спорта, - это труд и желание, и если у человека есть желание, то он способен на многое.

***— Полина, как давно ты начала серьезно заниматься спортом?***

— Спортом я стала заниматься с 2011 года. Сначала посещала секцию гимнастики, после - приобщилась к занятиям по тяжелой атлетике. Этот вид спорта мне очень понравился и я решила продолжить заниматься им. Серьезно заниматься и развивать себя профессионально я стала с 2015 года: готовилась к соревнованиям и твердо шла к своей цели.

***— Были ли моменты, когда ты теряла веру в себя?***

— Да, были такие моменты, особенно когда мне не удавалось занять призовое место на состязаниях. Это очень сильно расстраивало меня. Желание заниматься спортом пропадало, но тренер всегда вдохновлял меня, давал напутствие, и я работала с новой силой, прилагала огромные усилия, шла к новым высотам, меняя свои результаты в лучшую сторону.

***— Расскажи о своей мечте и личных спортивных достижениях.***

— Завоевать олимпийскую медаль и прославить государственный флаг Отчизны в честь успеха – вот моя главная мечта. Моими личными спортивными достижениями, помимо олимпийской серебряной медали, также является золотая медаль, завоеванная на чемпионате Азии 2017 года в Баку на IV Исламских играх солидарности, и бронза с чемпионата Азии среди юниоров 2018 года.

Также я бы хотела поблагодарить уважаемого Президента Туркменистана за присвоенное мне почетное звание «Türkmenistanyň at gazanan sport ussady» («Заслуженный мастер спорта Туркменистана»), и за подаренную современную квартиру в микрорайоне Парахат-7, за автомобиль (Lexus LX570 Sport Plus) и денежный приз в размере 50 тысяч долларов США.

***— Если бы не тяжелая атлетика, каким видом спорта ты бы занималась?***

— Я не вижу себя в другом виде спорта, для меня тяжелая атлетика - это часть моей жизни, моя страсть и мое желание. Так что, если бы не тяжелая атлетика, возможно, я бы не занималась спортом.

***— Волнуешься ли ты перед выступлениями, и как настраиваешь себя на успех?***

— Раньше перед выступлениями меня охватывало сильное волнение, что всегда мешало настроиться на победу, но со временем я научилась бороться с этим чувством. Естественно, как и все спортсмены, я мечтала о победе, для меня важно было настроить себя на победу, и моя уверенность и выдержка помогли мне настроиться на результат.

***— Читатели хотели бы знать о твоих впечатлениях от участия в Олимпийских играх в Токио. Что ты чувствовала, когда получила медаль?***

— Сразу по прибытию в Олимпийскую деревню я испытала непередаваемые эмоции радости, в тот момент я была твердо убеждена, что спорт является международным посланником мира и дружбы. При получении медали, как и сейчас, я была преисполнена чувством гордости за свою страну – особенно в момент поднятия национального Флага Туркменистана. Меня переполняла любовь и гордость к Родине, и благодарность к своему народу и уважаемому Президенту. В общем, эти ощущения сложно передать словами, я желаю испытать эти чувства каждому туркменскому спортсмену.

***— Какие советы ты дала бы будущим спортсменам?***

— Мой главный совет - это упорные тренировки и работа над собой, быть смелыми и уверенно идти к поставленной цели. И тогда награда обязательно найдет своего героя-победителя!



***Интервью взяла: Акбиби БАЙРАМОВА, студентка III курса факультета Международной журналистики Института международных отношений МИД Туркменистана.***

# Olimpiýadada pasyrdan Türkmen Baýdagy

***Artur EMIRÝAN, Türkmenistanyň Ýokary sport ussatlygy mekdebiniň agyr atletika bölüminiň tälimçi mugallymy.***

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň Şa serpaýyna mynasyp bolmagym – ýeňil awtomobil bilen sylaglanmagym meni çäksiz begendirýär. Şägirdim Polina Gurýewanyň taryhy üstünligi hem tälimçi hökmünde depämi gök diretdi.

Tokioda bolan tomusky Olimpiýadada biziň gazanan ýeňşimize taryhy ýeňiş diýlip, ýöne ýerden aýdylanok. Sebäbi ýurdumyzda bu taryhy ýeňşe ençeme ýyl bäri taýýarlanylyp gelindi. Türkmenistan Garaşsyzlygyny alandan soň, biz Olimpiýada oýunlaryna 6 gezek gatnaşypdyk. Iki gezekki Olimpiýadada ýeňşe bir-iki ädim ýetmän, armanly bolupdyk. Ine, şu 6-njy gezekde bolsa, bize Polina Gurýewanyň üsti bilen ýeňiş gazanmak miýesser etdi.

Şu gezekki Olimpiýadada Polina ýeňiş gazanmak ýeňil düşmedi. Olimpiýadada sportuň bu görnüşine 9 döwletden türgenler gatnaşdy. Olaryň hemmesi diýen ýaly hem güýçli türgenlerdi, hat-da olaryň 5-si Polina Gurýewadan güýçli diýlip çaklanýardy. Emma Polina olardan has güýçli türgen bolup çykdy. Sebäbi Polina ýaryşdan 3 — 4 gün öň psihologik taýdan taýýarlyk gördi, soňundan bolsa taktiki taýdan taýýarlyk geçdi. Netijede, ikinji orny eýeläp, Olimpiýadada birinji gezek agyr atletikada kümüş medala eýe boldy. Biziň bu ýeňşimize diňe türkmen agyr atletikaçylarynyň ýeňşi däl, eýsem tutuş türkmen sportunyň ýeňşi diýsek, hak aýtdygymyz bolar. Sebäbi bu ýeňiş bize indiki Olimpiýada ýaryşlarynda kümüş medaly däl-de, altyn medallary almaga umyt döredýär.

Bu ýeňiş, ozaly bilen, Gahryman Arkadagymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda döredilen sport mümkinçilikleriniň miwesidir. Gurlan Olimpiýa şäherjiginiň, beýleki sport toplumlarynyň hemmesiniň netijesinde şu ýeňşi gazanyp bildik. Bu ýeňiş hormatly Prezidentimiziň sport syýasatynyň hem ajaýyp miwesidir. Çünki Döwlet Baştutanymyzyň sport syýasatynyň dabaralanmagy bilen şular ýaly ajaýyp ýeňşe mynasyp bolduk. Garaşsyzlygyň 30 ýyllynyň içinde birinji gezek Olimpiýadanyň meýdanynda Türkmen Baýdagy belentden pasyrdady.

Biz türkmen sportunyň mundan beýläk hem dabaralanmagy üçin elimizde baryny ederis!



***Taýýarlan: Taňryberdi MYRATLYÝEW, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň uly laboranty.***

Žurnalistika —arzyly kär

# OKUW TEJRIBELIGI PEÝDALY BOLDY

*2020 — 2021-nji okuw ýylynyň 2-nji ýarymýyllygynyň tamamlanmagy bilen institutymyzyň 1-nji, 2-nji, 3-nji hem-de 4-nji ýyl talyplary nazaryýetde alan bilimlerini amalyýetde çuňlaşdyryp öwrenmek maksady bilen, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine, ýurdumyzyň welaýatlaryna, etraplaryna we paýtagtymyzdaky häkimlik edaralaryna, banklara, neşir edilýän gazet — žurnallaryň redaksiýalaryna, teleradioýaýlymlara okuw-önümçilik tejribeligini geçmek üçin ugradyldylar.*

Men hem okuw tejribeligimi geçmek üçin "Maru–şahu jahan" welaýat gazetiniň redaksiýasyna iberildim. Okuw tejribeligimiň ilkinji gününde redaksiýanyň döredijilik işgärleri bilen tanyşlyk geçirildi. Bu ýerde okuw tejribeligimiň ýolbaşçysy, gazetiň bölüm müdiri Baýram Amanow redaksiýada ýola goýlan degişli düzgün-tertip we tejribeligiň dowamynda ýerine ýetirilmeli işler bilen jikme-jik tanyşdyrdy. Okuw tejribeligimiň ilkinji gününden başlap, tabşyrylan ýumuşlary ýerine ýetirmäge başladym. Redaksiýada okuw tejribeligimi geçen döwrümde hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine berýän tabşyryklary bilen yzygiderli tanyş boldum. Men bu ýerde redaksiýa gelýän makalalary seljermäni, harp ýalňyşlyklaryny barlamagy — korrektoryň işini öwrendim. Redaksiýanyň işgärleri bilen ýazylan maglumatlaryň dogrulygyny ýa-da nädogrulygyny çeşmeleriň üsti bilen anyklaşdyrdyk. Mundan başga-da, maket, bezeg işlerini öwrenip, gerekli bolan bellikleri belläp aldym.

Okuw tejribeligimiň dowamynda diňe bir redaksiýanyň önümçilik işleri däl, eýsem döredijilik işi bilen hem meşgullanyp, özbaşdak makala ýazyp, redaksiýa tabşyrdym. Tejribelik döwrüm ýazan makalam howanyň gyzmagy, gün şöhlesiniň adam saglygyna ýetirip biljek täsiri bilen baglydy. Ony ýazmagyň barşynda çeşmeleriň hem-de internetiň üsti bilen birnäçe maglumatlary anyklaşdyrdym. Makalama "Maru–şahu jahan" welaýat gazetiniň baş redaktory Muhammetdurdy Saparlyýew hem-de bölüm müdiri Baýram Amanow gowy baha berip, gazetiň nobatdaky sanynyň meýilnamasyna goşdular. "Gün şöhlesiniň saglyk üçin ähmiýeti" atly bu makalam "Maru – şahu jahan" welaýat gazetiniň 2021-nji ýylyň 31-nji iýulynda çykan sanynyň 2-nji sahypasynda ýerleşdirildi.

Makala ýazmagyma, tejribeligi netijeli geçmegime institutda alan nazary hem-de amaly bilimim maňa uly ýardam berdi. Institutymyzdaky "Ýaş diplomatyň sesi" gazetine hem öň birnäçe makalalary ýazyp tabşyrypdym. Döredijilik bilen yzygiderli meşgullanyp, "Ýaş žurnalist" atly topar bolup döreden gazetimiziň redaktory boldum. Tomusky dynç alyş döwründe Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllyk toýuna bagyşlanyp geçirilen "Ata Watan Eserleri" atly bäsleşige "Sanly ulgamyň çäksiz mümkinçilikleri" atly makalam bilen gatnaşdym.

Mary welaýatynyň "Maru–şahu jahan" welaýat gazetinde geçen okuw tejribeligimde toplan tejribäm maňa nazaryýetde alan bilimlerimi, düşünjelerimi amalyýetde has-da özleşdirmäge, geljekde hormatly Prezidentimize, ýurdumyza we halkymyza wepaly halkara žurnalisti bolup ýetişmäge uly itergi berjekdigine ynanýaryn.



***Meýlis SADYKOW, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
INTERNET GAZETI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
INTERNET NEWSPAPER
№ 1, 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabry, penşenbe. Our main goal is to serve the Motherland!
Internet gazeti 2020-nji ýylyň 1-nji senýabryndan bäri çykýar.
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Baş redaktor **Täçgeldi GUTLYÝEW.**

***Redaksion geňeşiň agzalary:*** *Begenç MÄTLIÝEW, Gülşat ÝUSUPOWA, Merdan BERDINYÝAZOW, Mekanmyrat KENANOW, Rahym BÄŞIMOW, Begmyrat ATAÝEW, Baba SARYÝEW, Akmuhammet JUMAGULYÝEW, Tatýana DÖWLETOWA, Merjen GURBANNAZAROWA, Bazar MESOW, Mergen MÄMMETJUMAÝEW, Jemile PÜRJÄÝEWA.*

**Gazet institutyň prorektorlarynyň gözegçiliginde çykarylýar.**

***Jogapkär kätip:*** *Bakydurdy GARAÝEW.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *Aýlar ATAJYKOWA.*

***Korrektorlar:*** *Mähriban HUDAÝGULYÝEWA, Laçyn BERDIMYRADOWA, Gurbanjemal EGIRJÄÝEWA, Gurbansähet GURBANSÄHEDOW, Mätgurban MÄTGURBANOW, Dünýägözel ÇARYÝEWA.*

*Metbugat — internet gazetiň sahypalarynda* ***Taňryberdi MYRATLYÝEWIŇ*** *suratlary ulanyldy.*